#202 (224)
среда, 6 ноября 2024 года
Интернет газета
Международные новости
Учредитель — Министерство иностранных дел Туркменистана


# TÜRKMENISTANYŇ MINISTRLER KABINETINIŇ MEJLISI



1-nji noýabrda hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow sanly ulgam arkaly Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisini geçirdi. Onda döwlet durmuşynyň birnäçe meselelerine garaldy.

Ilki bilen, Mejlisiň Başlygy D.Gulmanowa milli kanunçylygy mundan beýläk-de kämilleşdirmek boýunça alnyp barylýan işler barada maglumat berdi.

Döwlet Baştutanymyz ýurdumyzyň kanunçylygynyň döwrüň talabyna görä kämilleşdirilmelidigini belledi. Munuň özi döwletimizi hemmetaraplaýyn ösdürmäge we ykdysady ýetimizi mundan beýläk-de pugtalandyrmaga mümkinçilik berer diýip, hormatly Prezidentimiz aýtdy we bu ugurda netijeli işleri durmuşa geçirmegiň wajypdygyna ünsi çekdi.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary H.Geldimyradow «Türkmenistanda sanly ykdysadyýeti ösdürmegiň 2021 — 2025-nji ýyllar üçin Döwlet maksatnamasynyň» ýerine ýetirilişi, daşary ýurtly hyzmatdaşlar bilen bu ulgamda netijeli gatnaşyklary ýola goýmak we tejribe alyşmak üçin görülýän çäreler barada hasabat berdi. Şunuň bilen baglylykda, wise-premýer şu ýylyň 27-nji noýabrynda paýtagtymyzda ýurdumyz bilen «VISA» amerikan kompaniýasynyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň 30 ýyllygy mynasybetli halkara işewürlik forumyny geçirmek meselesi barada habar berdi. Onuň gün tertibine bu kompaniýa bilen strategik hyzmatdaşlygy hem-de halkara töleg ulgamynyň täze tehnologiýalaryny we innowasiýalary özleşdirmek bilen bagly meseleler giriziler.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, ýurdumyzda sanly ykdysadyýeti ornaşdyrmakda halkara guramalar we daşary döwletler bilen hyzmatdaşlygy ýola goýmaga, tejribe alyşmaga möhüm ähmiýet berilýändigini belledi. Döwlet Baştutanymyz paýtagtymyzda Türkmenistan bilen bu kompaniýanyň arasyndaky hyzmatdaşlygyň 30 ýyllygy mynasybetli halkara işewürlik forumyny geçirmek baradaky teklibi goldap, wise-premýere degişli işleri geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary B.Amanow, T.Atahallyýew, B.Annamämmedow, B.Atdaýew degişli ugurlary boýunça hasabatlary berdiler.

Hormatly Prezidentimiz hasabatlary diňläp, wise-premýerlere degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary M.Mämmedowa şu ýylyň 13 — 15-nji noýabry aralygynda paýtagtymyzda «Gorkut ata» atly halkara kinofestiwaly geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, wise-premýere «Gorkut ata» halkara kinofestiwalyna gowy taýýarlyk görmegi we ony ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary B.Orazdurdyýewa şu ýylyň 8 — 17-nji noýabry aralygynda Aşgabat şäherindäki Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynda 14 ýaşa çenli ýetginjek oglan-gyzlaryň arasynda geçiriljek tennis boýunça «Ashgabat Open 2024» atly halkara ýaryşa görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, sporty ösdürmek, ýurdumyzyň halkara sport abraýyny artdyrmak üçin netijeli işleriň alnyp barylýandygyny, dürli derejedäki sport ýaryşlaryny geçirmek babatda ähli zerur şertleriň döredilýändigini kanagatlanma bilen belledi. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz wise-premýere Olimpiýa şäherçesiniň Tennis toplumynda 14 ýaşa çenli ýetginjek oglan-gyzlaryň arasynda tennis boýunça halkara ýaryşy geçirmäge gowy taýýarlyk görmegi tabşyrdy.

Soňra Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasary, daşary işler ministri R.Meredow Ähliumumy metan borçnamasyny ýerine ýetirmek bilen bagly Türkmenistanyň halkara hyzmatdaşlygy barada hasabat berdi.

Bellenilişi ýaly, howanyň üýtgemegi bilen bagly ählumumy gün tertibinde durýan meseleler babatda Türkmenistanyň halkara borçnamalarynyň üstünlikli ýerine ýetirilmegi ýurdumyzyň daşary syýasatyny durmuşa geçirmekde ileri tutulýan ugurlaryň biri bolup durýar. Şoňa görä, metan zyňyndylaryny azaltmak boýunça dünýä bileleşigi bilen özara hyzmatdaşlyk baradaky başlangyja aýratyn üns çekildi.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow hasabaty diňläp, Türkmenistanyň howanyň üýtgemegine garşy göreşmek boýunça halkara derejede öňde goýlan wezipeleri berjaý etmäge jogapkärçilikli çemeleşýändigini nygtady we wise-premýer, daşary işler ministrine degişli tabşyryklary berdi.

Ministrler Kabinetiniň ýanyndaky Ulag we kommunikasiýalar agentliginiň Baş direktory M.Çakyýew şu ýylyň 14 — 16-njy noýabry aralygynda «Türkmentel — 2024» atly XVII halkara sergini hem-de ylmy maslahaty geçirmäge görülýän taýýarlyk barada hasabat berdi.

Hormatly Prezidentimiz hasabaty diňläp, häzirki döwürde ýurdumyzda sanly tehnologiýalary ornaşdyrmak işleriniň üstünlikli amala aşyrylýandygyny kanagatlanma bilen belledi. «Türkmentel — 2024» atly XVII halkara sergi we ylmy maslahat hem öňdebaryjy innowasion tehnologiýalary ornaşdyrmakda, bu ugurda halkara hyzmatdaşlygy pugtalandyrmakda möhüm ähmiýete eýe bolar diýip, döwlet Baştutanymyz aýtdy we agentligiň ýolbaşçysyna halkara ähmiýetli çärelere gowy taýýarlyk görmegi hem-de olary ýokary derejede geçirmegi tabşyrdy.

Hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň sanly ulgam arkaly geçirilen nobatdaky mejlisini jemläp, oňa gatnaşanlara berk jan saglyk, maşgala abadançylygyny, berkarar Watanymyzyň gülläp ösmegi ugrunda alyp barýan işlerinde uly üstünlikleri arzuw etdi.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ПРЕЗИДЕНТА АЛЖИРСКОЙ НАРОДНОЙ ДЕМОКРАТИЧЕСКОЙ РЕСПУБЛИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов направил искренние поздравления и наилучшие пожелания Президенту Алжирской Народной Демократической Республики Абдельмаджиду Теббуну по случаю национального праздника – Дня революции.

Пользуясь этой возможностью, глава Туркменистана выразил Президенту Абдельмаджиду Теббуну пожелания крепкого здоровья, счастья и благополучия, а народу Алжира – мира, прогресса и процветания.

## ПРЕЗИДЕНТ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ИЗБРАННОГО ПРЕЗИДЕНТА СОЕДИНЁННЫХ ШТАТОВ АМЕРИКИ

Президент Сердар Бердымухамедов от имени народа и Правительства Туркменистана, а также от себя лично направил искренние поздравления г-ну Дональду Трампу по случаю избрания на пост Президента Соединённых Штатов Америки.

В своём послании глава государства отметил, что Туркменистан высоко оценивает нынешний уровень отношений с Соединёнными Штатами Америки и придаёт огромное значение последовательному наращиванию двустороннего сотрудничества на традиционных принципах равноправия, взаимоуважения и защиты обоюдных интересов, выразив уверенность, что дружба, взаимопонимание и заинтересованные партнёрские связи между нашими странами будут и впредь укрепляться во благо двух народов.

Пользуясь этой возможностью, Президент Туркменистана адресовал избранному Президенту Дональду Трампу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и больших успехов на высшем государственном посту во имя дальнейшего процветания США.

## НАЦИОНАЛЬНЫЙ ЛИДЕР ТУРКМЕНСКОГО НАРОДА, ПРЕДСЕДАТЕЛЬ ХАЛК МАСЛАХАТЫ ТУРКМЕНИСТАНА ПОЗДРАВИЛ ИЗБРАННОГО ПРЕЗИДЕНТА СОЕДИНЁННЫХ ШТАТОВ АМЕРИКИ

Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедов направил искренние поздравления г-ну Дональду Трампу в связи с избранием на пост Президента Соединённых Штатов Америки.

«Мы высоко ценим дружественные отношения между Туркменистаном и Соединёнными Штатами Америки и уверены в их дальнейшем наращивании в интересах народов обеих стран», – подчеркнул Герой-Аркадаг.

Пользуясь этой возможностью, Национальный Лидер туркменского народа, Председатель Халк Маслахаты Туркменистана Герой-Аркадаг выразил избранному Президенту Дональду Трампу сердечные пожелания крепкого здоровья, счастья и успехов во всех начинаниях.

# TÜRKMENISTAN — SAGDYNLYGYŇ WE RUHUBELENTLIGIŇ ÝURDY

2024-nji ýylyň 2-nji noýabrynda Prezidentz Serdar Berdimuhamedowyň gatnaşmagynda paýtagtymyzyň Saglyk ýolunda köpçülikleýin ýöriş geçirildi. Bu çäre jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgeleriniň berkidilmeginde, aýratyn-da, ýaşlaryň bedenterbiýe we sport bilen meşgullanmaklarynda möhüm ähmiýete eýe boldy.

Mälim bolşy ýaly, 25-nji oktýabrda geçirilen Ministrler Kabinetiniň nobatdaky mejlisinde hormatly Prezidentimiz Serdar Berdimuhamedow Türkmenistanyň başlangyjy bilen Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 78-nji sessiýasynda «Birleşen Milletler Guramasynyň oýunlary» atly Kararnamanyň kabul edilendigini aýtdy. Şunuň bilen baglylykda, döwlet Baştutanymyz bu möhüm ähmiýetli Kararnamanyň kabul edilmegi mynasybetli 2-nji noýabrda sport çäresini geçirmegi, hemmeleriň bilelikde jemgyýet bolup, sagdyn durmuş ýörelgesine eýerip, Saglyk ýolundan geçmegi, bu çärede ýylyň dowamynda halkara ýaryşlarda gowy netije gazanyp, ýaşyl tugumyzy belentde parladan türgenlerimizi gazanan sport üstünlikleri bilen gutlamagy, mynasyp bolan sylaglaryny dabaraly ýagdaýda gowşurmagy teklip etdi.

Türkmenistanyň başlangyjy boýunça 3-nji iýunyň «Bütindünýä welosiped güni» diýlip yglan edilmegi, Birleşen Milletler Guramasynyň Baş Assambleýasynyň 76-njy sessiýasynyň 61-nji plenar mejlisinde «Durnukly ösüşi gazanmak üçin köpçülikleýin welosiped sürmegi jemgyýetçilik ulag ulgamlaryna girizmek» atly Kararnamanyň biragyzdan kabul edilmegi, Türkmenistanyň 2023 — 2027-nji ýyllar üçin ÝUNESKO-nyň Bedenterbiýe we sport baradaky hökümetara komitetiniň düzümine saýlanylmagy ýurdumyzda sporty ösdürmek boýunça durmuşa geçirilýän işleriň halkara jemgyýetçiligiň ykrarnamasyna eýe bolýandygynyň aýdyň güwäsidir. Şunuň bilen bir hatarda, şu ýyl Aşgabat şäherinde üstünlikli geçirilen Garaşsyz Döwletleriň Arkalaşygynyň Hökümet Baştutanlarynyň Geňeşiniň degişli Çözgüdine laýyklykda, Aşgabadyň «Arkalaşygyň täze sport mümkinçilikleriniň şäheri» diýlip yglan edilendigini bellemek gerek.

...Şu günki sport çäresine gatnaşmak üçin bu ýere Mejlisiň Başlygy, Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň orunbasarlary, ýurdumyzyň harby we hukuk goraýjy edaralarynyň, ministrlikleriň, pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň, jemgyýetçilik guramalarynyň, köpçülikleýin habar beriş serişdeleriniň, ýurdumyzdaky diplomatik wekilhanalaryň, halkara guramalaryň ýolbaşçylarydyr wekilleri, ýokary okuw mekdepleriniň rektorlary, talyplar we beýlekiler ýygnandylar. Köpçülikleýin ýöriş başlanmazyndan ozal, Türkmenistandaky diplomatik wekilhanalaryň we halkara guramalaryň wekilleriniň, ýokary okuw mekdepleriniň talyplarynyň, ministrlikleriň we pudaklaýyn dolandyryş edaralarynyň işgärleriniň arasynda Saglyk ýoluny ylgap geçmek boýunça ýaryş guraldy.

Prezident Serdar Berdimuhamedowyň awtoulagy



ir säher bilen Saglyk ýolunyň başlanýan ýerindäki meýdança geldi. Bu ýerde döwlet Baştutanymyz medeniýet we sungat ussatlarynyň aýdym-sazly çykyşlaryny synlady.

Soňra Türkmenistanyň Prezidenti batly gadamlar bilen Saglyk ýolundan ýörişe başlady. Döwlet Baştutanymyzyň göreldesine eýerip, çärä gatnaşyjylaryň ählisi ýörişe goşuldy. Prezidentimiziň Saglyk ýolundan halk köpçüligi bilen bilelikde geçmegi Gahryman Arkadagymyzyň «Döwlet adam üçindir!» diýen parasatly ýörelgesiniň Arkadagly Gahryman Serdarymyzyň baştutanlygynda mynasyp dowam etdirilýändiginiň aýdyň beýanyna öwrüldi.

...Bu ýerden türkmen halkynyň beýik şahyry Magtymguly Pyragynyň belent başly heýkeli seleňläp görünýär. «Pähim-paýhas ummany Magtymguly Pyragy» ýyly diýlip yglan edilen şu ýylda Türkmenistanda Gahryman Arkadagymyzyň başlangyjy boýunça Magtymguly Pyragynyň doglan gününiň 300 ýyllygy ýokary derejede bellenilýär, şahyryň umumadamzat gymmatlygyna öwrülen şygyrlaryny dünýäde giňden wagyz etmek boýunça işler alnyp barylýar.

11-nji oktýabrda paýtagtymyzda Türkmenistanyň Prezidentiniň başlyklyk etmeginde geçirilen «Döwürleriň we siwilizasiýalaryň özara arabaglanyşygy — parahatçylygyň we ösüşiň binýady» atly halkara forum hem munuň aýdyň güwäsine öwrüldi. Döwlet Baştutanymyzyň belleýşi ýaly, türkmen halky müňlerçe ýyllyk taryhynyň dowamynda adamzadyň umumy ösüşine uly täsir eden ruhy we medeni gymmatlyklary döreden halkdyr. Şahyryň eserleri dünýä edebiýatynyň, adamzat medeniýetiniň dürler hazynasynda hemişelik orun alandyr. Söz ussadynyň dürdäne eserlerini halk ýatdan öwrenipdir. Bagşy-sazandarlarymyz onuň çuň many-mazmunly goşgularyny aýdyma öwrüp, şu günlerimize ýetiripdir.

Köpçülikleýin ýörişiň dowamynda Prezident Serdar Berdimuhamedow Ministrler Kabinetiniň Başlygynyň paýtagtymyza gözegçilik edýän orunbasary B.Annamämmedowdan alnyp barylýan işleriň ýagdaýy bilen gyzyklandy. Wise-premýer şäheriň ekologik abadançylygyny üpjün etmek boýunça görülýän çäreler, gurluşygy alnyp barylýan desgalardaky işleriň ýagdaýy barada aýtdy. Döwlet Baştutanymyz baş şäherimizi ösdürmegiň konsepsiýasynyň durmuşa geçirilişine ünsi çekip, şäher infrastrukturasyny kämilleşdirmek, paýtagtymyzdaky seýilgählere we seýilbaglara talabalaýyk ideg etmek, ýaşaýjylar üçin amatly şertleri, sport bilen meşgullanmak üçin mümkinçilikleri döretmek meseleleri ni hemişe üns merkezinde saklamagy tabşyrdy.

Döwlet Baştutanymyz Saglyk ýolundan ruhubelentlik bilen geçip, onuň tamamlanýan ýerine — pellehana geldi. Bu ýerde ýaňlanan aýdym-sazlar köpçülikleýin ýörişe gatnaşyjylaryň şatlygyny has-da artdyrdy. Türkmenistanyň Prezidenti sport çäresine gatnaşyjylar bilen hoşlaşyp, bu ýerden ugrady.

Şeýlelikde, Prezident Serdar Berdimuhamedowyň göreldesine eýerip, 6 müňden gowrak adamyň paýtagtymyzyň Saglyk ýoly boýunça köpçülikleýin ýörişe gatnaşmagy sagdynlygyň we ruhubelentligiň ýurdy hökmünde ykrar edilen Watanymyzda köpçülikleýin bedenterbiýäni, sporty ösdürmäge, jemgyýetimizde sagdyn durmuş ýörelgelerini berkarar etmäge döwlet derejesinde uly ähmiýet berilýändiginiň nobatdaky güwäsi boldy.

# МЕЖДУНАРОДНАЯ НАУЧНО-ПРАКТИЧЕСКАЯ КОНФЕРЕНЦИЯ «МАХТУМКУЛИ И ЕГО РОЛЬ В МИРОВОЙ КУЛЬТУРЕ»

28 октября 2024 года в концертном зале отдела нотных изданий и звукозаписей Российской государственной библиотеки (РГБ) в Доме Пашкова в гибридном формате состоялась международная научно-практическая конференция «Махтумкули и его роль в мировой культуре», посвященная 300-летнему юбилею выдающегося поэта и мыслителя Востока Махтумкули Фраги.

Конференция была организована в рамках VIII Московского международного фестиваля искусств «Звуки дутара» имени Нуры Халмамедова совместно с Российской государственной библиотекой.

На мероприятии приняли участие Посол Туркменистана в Российской Федерации Э.М.Айдогдыев, Генеральный директор Российской государственной библиотеки В.В.Дуда и



арт-директор Московского международного фестиваля искусств «Звуки дутара» имени Нуры Халмамедова, композитор М.С.Гусейнов, также профессорско-преподавательский состав высших учебных заведений Туркменистана и России, любители и знатоки произведений Махтумкули Фраги в онлайн и офлайн форматах.

В ходе конференции было подчеркнуто, что в поэзии Махтумкули Фраги такие принципы, как мир, братство, добро, гуманизм, провозглашаются общечеловеческими ценностями, служат мостом для взаимообогащения культур и установления дружественных отношений между народами.

Посол Туркменистана в РФ передал в дар Российской государственной библиотеке книги по литературе, национальным богатствам, культуре, в том числе и несколько книг, написанных Национальным Лидером туркменского народа, Председателем Халк Маслахаты Туркменистана Гурбангулы Бердымухамедовым и Президентом Туркменистана Сердаром Бердымухамедовым, а также юбилейные экземпляры сборника избранных произведений Махтумкули Фраги.

Интернет газета
Международные новости






# В АШХАБАДЕ СОСТОЯЛАСЬ ВСТРЕЧА СОПРЕДСЕДАТЕЛЕЙ МЕЖПРАВИТЕЛЬСТВЕННОЙ ТУРКМЕНО-РОССИЙСКОЙ КОМИССИИ ПО ЭКОНОМИЧЕСКОМУ СОТРУДНИЧЕСТВУ

30 октября 2024 года в МИД Туркменистана прошла встреча сопредседателей Межправительственной туркмено-российской комиссии по экономическому сотрудничеству – Заместителя Председателя Кабинета Министров, Министра иностранных дел Туркменистана Рашида Мередова и Заместителя Председателя Правительства Российской Федерации Алексея Оверчука.

В ходе переговоров в узком формате стороны обсудили ключевые аспекты партнерства между двумя странами по направлениям представляющим взаимный интерес.

Затем встреча продолжилась в расширенном формате, в которой приняли участие руководители и представители соответствующих министерств и ведомств Туркменистана и России.

Стороны отметили значимость данного заседания, нацеленного на обсуждение текущих вопросов сотрудничества и поиск новых форм совместной деятельности.

Участники встречи обменялись мнениями по дальнейшей реализации текущих проектов, в том числе в сфере транспорта, электроэнергетики и др.

Была подчеркнута важная роль Межправительственной туркмено-российской комиссии по экономическому сотрудничеству в развитии конструктивного двустороннего партнерства.

Стороны отметили наличие благоприятных возможностей для дальнейшего расширения культурно-гуманитарных связей, в том числе по линии здравоохранения, науки и образования.

# INTERNATIONAL CONFERENCE DEDICATED TO THE ADOPTION OF THE UN GENERAL ASSEMBLY RESOLUTION «UN GAMES» WAS HELD

On October 31, 2024, an international conference on the adoption of the UN General Assembly resolution «UN Games» upon the initiative of Turkmenistan and the Republic of India was held in the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.

The conference was attended by the leadership and staff members of the Ministry of Foreign Affairs, heads and representatives of diplomatic missions and representative offices of international organizations accredited in Turkmenistan, representatives of political parties of Turkmenistan, faculty members and students of higher educational institutions, heads and representatives of public organizations, local and foreign mass media, as well as athletes.

In his speech, Deputy Chairman of the Cabinet of Ministers, Minister for Foreign Affairs of Turkmenistan Rashid Meredov emphasized the importance of the adoption by consensus of the resolution «UN Games» and noted the role of Turkmenistan in strengthening peace, friendship and mutual understanding between countries and peoples.

Representative of the United Nations Children's Fund (UNICEF) in Turkmenistan Jalpa Ratna, Head of the Department of the Magtymguly Turkmen State University Atajan Burunov, Ambassador Extraordinary and Plenipotentiary of the Republic of India to Turkmenistan Madhumita Hazarika Bhagat, Rector of the Turkmen State Institute of Physical Culture and Sports Hydyr Nunnaev, UNRCCA Political Adviser Andrey Khanzhin, as well as Honoured Coach of Turkmenistan, Judge of International Category, Master of Sports of International Level Shohrat Mammedov gave speeches at the event.

It was noted at the conference that by actively participating in the international sport movement, organizing representative competitions, initiating major UN decisions in this sphere, Turkmenistan in practice confirms its commitment to the high humanistic ideals of the Olympic movement. And this position is justly supported and respected by the world community.

The participants stated that sport, namely, sport diplomacy has a unique ability to build trust, unite people, promote understanding and acceptance of diversity. Therefore, this initiative combines the principles of inclusion and equality, reflecting the fundamental principle of the Sustainable Development Agenda - «Leave No One Behind».

The outcomes of the conference were summarized by Gulshat Yusupova, Rector of the Institute of International Relations of the Ministry of Foreign Affairs of Turkmenistan.

# Diplomatic relations between Turkmenistan and the Principality of Liechtenstein established

On 1 November 2024, the signing ceremony of the Joint Communiqué on the establishment of diplomatic relations between Turkmenistan and the Principality of Liechtenstein took place at the office of the Permanent Mission of Turkmenistan to the United Nations in New York.



A conversation took place prior to the signing ceremony between the Permanent Representative of Turkmenistan to the United Nations Aksoltan Atayeva and the Permanent Representative of the Principality of Liechtenstein to the United Nations Christian Wenaweser.

The Permanent Representatives reaffirmed the determination of two countries to strengthen friendly relations and to develop bilateral political, economic and humanitarian cooperation.

The sides emphasized the importance of expanding collaboration within international organizations, firstly within the UN framework.

The parties discussed matters pertaining to UN agenda that pose interest to Turkmenistan and the Principality of Liechtenstein, in particular, strengthening peace and trust, promotion of preventive diplomacy, international sport relations and other issues of sustainable development.

# The Roadmap for 2025-2026 on Strengthening International Cooperation of Turkmenistan to Implement the Goals and Objectives stipulated by the Global Methane Pledge

On 1 November 2024, during the successive meeting of the Cabinet of Ministers of Turkmenistan, the Roadmap for 2025-2026 on Strengthening International Cooperation of Turkmenistan to Implement the Goals and Objectives stipulated by the Global Methane Pledge was adopted. A Set of Measures was developed and approved for practical implementation of the Roadmap.

During the 26th session of the Conference of the Parties to the United Nations Framework Convention on Climate Change (COP-26), held in November 2021, Turkmenistan expressed interest in a detailed study of the Global Methane Pledge.

The Government of Turkmenistan has carried out comprehensive work, including in the international scope, in this direction. In particular, in June 2023, the Resolution of the President approved the Roadmap for 2023-2024 on the Development of International Cooperation Aimed at Studying the Issue of Turkmenistan's Accession to the Global Methane Pledge, as well as the establishment of the Interdepartmental Commission for the Reduction of Methane Emissions.

Following the results of the work, the President of Turkmenistan Serdar Berdimuhamedov officially announced the country's accession to the Global Methane Pledge at the 28th Conference of the Parties to the United Nations Framework Convention on Climate Change (COP-28) held in Dubai (UAE) from 30 November to 12 December 2023.

Global Methane Pledge

The document provides for close cooperation with international partners, in particular the Secretariat of the United Nations Framework Convention on Climate Change, other UN specialized agencies, European Union, OSCE, IRENA, World Bank, Asian Development Bank, Islamic Development Bank, USAID, United States of America, EU countries and others.

In addition, Turkmenistan attaches great importance to direct participation in the activities of the MARS digital platform created within the framework of the United Nations Environment Programme.

In order to implement the Roadmap, a Set of Measures to Reduce Methane Emissions in 2025-2026 is also envisioned. These include holding scientific and practical conferences, round tables, seminars and similar activities in cooperation with various international organizations, continuing cooperation with foreign companies to address the tasks set in this field, preparing feasibility studies for projects to process and use associated gas through the introduction of innovative and energy-saving technologies, etc.

# THE VISIT OF THE DELEGATION OF TURKMENISTAN TO THE STATE OF KUWAIT

On November 4-5, 2024, the delegation of Turkmenistan headed by the Deputy Minister for Foreign Affairs of Turkmenistan A. Gurbanov participated in the ministerial session of the High-Level Conference on the theme «Strengthening International Counter-Terrorism Cooperation and Building Agile Border Security Mechanisms» cooperation in combating terrorism and establishing flexible mechanisms for border security - Kuwait phase of the Dushanbe process».

The session emphasized the application of multilateral approaches to enhance the effectiveness of international cooperation in combating terrorism. Current issues of international counter-terrorism cooperation were considered, and the status as well as effectiveness of response mechanisms to emerging contemporary challenges were assessed. The participants reaffirmed their strong commitment to further strengthening of professional interaction, and also noted the need to utilize joint capacities in developing comprehensive counter-terrorism measures, with the UN playing a leading role in coordinating efforts on countering terrorism.

In his speech, the Deputy Minister of Foreign Affairs of Turkmenistan emphasized that Turkmenistan, both at the national and international levels, is implementing all necessary measures and actions to combat threats to peace and security, including terrorist and radical manifestations. It was noted that Turkmenistan closely coordinates its activities with the UN in the fight against terrorism, illicit drug trafficking and other threats.




During the High-Level Conference, a side event on Protecting Critical Energy Infrastructure against Terrorist Attacks took place, during which the Turkmen delegation underlined Turkmenistan's active participation in initiatives aimed at protecting critical infrastructure and assistance for the development of practical measures to ensure it. During his speech, Under-Secretary-General of the United Nations Office of Counter-Terrorism (UN OCT) V. Voronkov expressed gratitude to the Government of Turkmenistan for close cooperation with the UN OCT and full support to its work. The Turkmen side also invited the conference participants to the UN OCT event in Ashgabat, which will be held on November 11-12.

In the framework of the visit, a meeting was held between the heads of structural divisions of the Ministries of Foreign Affairs of Turkmenistan and the State of Kuwait. During the meeting, the sides exchanged views on the current state of bilateral relations and their further development in various spheres.

# СОСТОЯЛСЯ ТЕЛЕФОННЫЙ РАЗГОВОР МЕЖДУ ГЛАВАМИ ВНЕШНЕ ПОЛИТИЧЕСКИХ ВЕДОМСТВ ТУРКМЕНИСТАНА И ИРАНА

6 ноября 2024 года состоялся телефонный разговор между Министром иностранных дел Туркменистана Рашидом Мередовым и Министром иностранных дел Исламской Республики Иран Сейедом Аббасом Арагчи.

В ходе беседы стороны обсудили широкий круг вопросов касательно двустороннего сотрудничества в политико-дипломатической, торгово-экономической и культурно-гуманитарной сферах.

Стороны отметили растущую динамику контактов на высшем уровне. В этом контексте рассмотрен ход реализации договоренностей, достигнутых в ходе встреч Президента Туркменистана, а также Национального Лидера туркменского народа, Председателя Халк Маслахаты Туркменистана с Президентом Исламской Республики Иран, состоявшихся в текущем году.

Главы внешнеполитических ведомств отметили значимость активизации сотрудничества между министерствами иностранных дел, включая проведение в ближайшей перспективе встреч в двустороннем и многостороннем форматах.



Министры подчеркнули важность торгово-экономических связей между двумя странами. Особый акцент был сделан на деятельности Межправительственной туркмено-иранской комиссии по экономическому сотрудничеству, очередное 18-ое заседание которой намечено к проведению до конца года.

Стороны обсудили развитие культурно-гуманитарных связей. Подчёркнуто, что сфера культуры является одной из важных составляющих двустороннего сотрудничества.

В этой связи, собеседники условились провести совместные мероприятия в ноябре-декабре текущего года.

# НОВОСТИ МИРА И РЕГИОНА

***Президент Туркменистана принял заместителя Председателя Правительства Российской Федерации***

30 октября Президент Сердар Бердымухамедов принял заместителя Председателя Правительства Российской Федерации, сопредседателя Межправительственной туркмено-российской комиссии по экономическому сотрудничеству с российской стороны Алексея Оверчука.

Выразив искреннюю признательность за возможность личной встречи, гость передал главе государства, а также Национальному Лидеру туркменского народа, Председателю Халк Маслахаты Герою-Аркадагу сердечные приветствия и наилучшие пожелания от Президента Российской Федерации Владимира Путина и Председателя Правительства РФ Михаила Мишустина.

В продолжение встречи состоялся заинтересованный обмен мнениями по приоритетным аспектам двустороннего сотрудничества. Ключевым направлением туркмено-российского сотрудничества была обозначена торгово-экономическая сфера. На протяжении многих лет Российская Федерация является одним из ведущих торговых партнёров Туркменистана.

***В МИД Туркменистана состоялась встреча с Послом Франции***

31 октября 2024 года в МИД Туркменистана состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана Ахмета Гурбанова с Чрезвычайным и Полномочным Послом Франции в Туркменистане г-ном Филиппом Мерленом.

В ходе встречи состоялся заинтересованный обмен мнениями о состоянии двусторонних отношений. Был подчеркнут их последовательный характер, затрагивающий политико-дипломатическое, торгово-экономическое партнерство и культурно-гуманитарную сферу. Также был обсужден позитивный опыт взаимодействия двух стран на международных площадках.

Дипломаты рассмотрели вопросы расширения торгово-экономического сотрудничества в таких направлениях как энергетика, логистика, строительство, сельское хозяйство и «зелёные» технологии. Стороны также констатировали эффективное сотрудничество в области спелеологии, археологии и изучения французского языка.

В завершение встречи собеседники подчеркнули обоюдную готовность к дальнейшему расширению двустороннего сотрудничества.

***Встреча с заместителем министра иностранных дел по делам Содружества и развития Великобритании, депутатом Парламента***

31 октября 2024 года в формате видеоконференции состоялась встреча заместителя министра иностранных дел Туркменистана Ахмета Гурбанова с заместителем министра иностранных дел по делам Содружества и развития Великобритании, депутатом Парламента Стивеном Доути.

В рамках встречи был обсужден широкий спектр вопросов двустороннего сотрудничества в политико-дипломатическом, торгово-экономическом и культурно-гуманитарном направлениях, а также региональной и международной повестки дня.

Важной составляющей межгосударственных отношений была названа социальная сфера. В этом контексте дипломаты подтвердили позитивное взаимодействие в области культуры и образования, в частности, в сфере изучения английского языка в Туркменистане.

***В Таджикистане состоялся творческий вечер «Махтумкули Фраги и туркмено-таджикская дружба»***

31 октября 2024 года в средней общеобразовательной школе имени Махтумкули района Дусти Хатлонской области Республики Таджикистан состоялся творческий вечер туркменских и таджикских писателей, поэтов и журналистов на тему «Махтумкули Фраги и туркмено-таджикская дружба». Мероприятие было организовано Посольством Туркменистана в Республике Таджикистан совместно с Национальной академией наук и Союзом писателей Таджикистана.

На мероприятии выступили Посол А.Гочмырадов, Президент Национальной академии наук Таджикистана К.Хушвахтзода, Председатель комиссии по депутатской этике Маджлиси намояндагон Маджлиси Оли Республики Таджикистан Ф.Баротзода, Первый заместитель Председателя Союза писателей Таджикистана А.Мирходжа, член Союза писателей Таджикистана, писатель, переводчик и драматург А.Хамдам. Также в творческом вечере приняли участие дипломаты, аккредитованные в Республике Таджикистан.

Выступавшие отметили, что творчество Махтумкули Фраги имеет большое значение не только для туркмен, но и для всех народов мира, и что мероприятия такого формата служат ярким примером развития культурного сотрудничества между Туркменистаном и Таджикистаном.

***Материалы подготовлены на основе интернет-источников.***